# Garaçomak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garaçomak GARAÇOMAK

Garaçomak,
gara gyşyň,
Ak garyna çolansaňam.
Ýa bolmasa gaýnap, gara
gazan içde çawlansaňam.

Alyp bilmediň aljagňy,
Yşka ýanyp tutaşsaňam.
Hak aşykda bolmaz haýa,
Utanmagyn utulsaňam.

Sebäp senem çyndan söýdüň,
Asman däl, Zemin Zöhresin.
(Ýaryp söýýänleň zähresin).
Ýigitler bolsa hak aşyk,
Görmeli saňa sataşyp.

Ýöne her hal Garaçomak,
Men sende gara göremok.
Seniň külli günäň aşyklygyňda.
Tahyryň şo:l Zöhrä,
Zöhräň Tahyra,
Yşkynyň Hakdandygyny,
Ilorta açanlygyňda.

Ýogsam baş wezire,
Gyz gytmy näme?!
Aýagyň tozuny,
Gözüne sürtjek,
Seni başa täç etjek.
Sözüňe ýüz gyrnak,
Belki, müň gyrnak,

Yşkyň mazasyn eçiljek.

Garaçomak,
gara başy,
Salyp etegime menem.
Çyn ýürekden söýdüm obaň.
Söýmän bolmajak Senemin.

Şonda senden örňäp galan,
Ilen-çalan düşüp ara.
Bolmadyk bolsady bedel,
Sataşmazdym intizara.

Garaçomak!
Hak aşyklaň,
Aşyklygyn barlap göni.
Görmek üçin ýowuz ykbal,
Orta oklan eken seni.

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular